# Aşyr Muhammedow

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aşyr Muhammedow

AŞYR MUHAMMEDOW

Aşyr Muhammedow 1918-nji ýylyň 27-nji maýynda Aşgabat oblastynyň Gyzylarbat obasynda (häzirki Balkan welaýatynyň Serdar etraby) dogulýar.
1929-njy ýylyň 19-njy oktýabrdynda Gyzylarbatdaky Magaryf Halk komussarlygynyň FZU-nyň (Fabrik-zawodlaryň ýanyndaky okuwçylar) mekdebi okuw girip, ol ýerde parawozlary bejermek boýunça slesar hünärini öwrenýär, emma kämillik ýaşyna ýetmändigi sebäpli işe alynmaýar.
1934-nji ýylda Aşgabat şäherindäki Çagalar hereketiniň kursuny tamamlaýar we şäheriň bilim bölüminiň garamagyna iberilýär. Soňra ol raýon süýşürintgiler kassasynda gözegçi bolup işleýär. Şol ýerdenem Aşgabadyň Maliýe-hasap tehnikumyna okuwa girýär. Türkmenistanyň Halk hojalygynyň hasaba alyş uprawleniýesinde statist bolup işleýär. Tehnikumy tamamlap, öňki işlän edarasynda ykdysadyýetçi bolup zähmet çekmegini dowam etdirýär.
Işde tapawutlanan A.Muhammedow Içeri işler Halk komissarlygynyň hataryna gulluga iberilýär we IIHK-niň Moskwadaky 2-nji mekdebinde okaýar. Şol ýerde-de pars dilini öwrenýär.
1960-njy ýylda A.M.Gorkiý adyndaky (häzirki Magtymguly) TDU-nyň hukuk fakultetini tamamlap, hukukçy hünärini ele alýar.
1961-nji ýylyň 17-nji sentýabryna çenli Döwlet Howpsuzlyk komitetinde dürli jogäpkärli wezipelerde işleýär.
1971-nji ýylda hukuk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar.
Türkmenistanyň Içeri işler ministr wezipesine bellenen A.Muhammedow ömrüniň ahyryna çenli Türkmenistanda jenaýatçylyga garşy göreşde we düzgün bozujylary

terbiýelemekde içeri işler edaralarynyñ şahsy düzümine üstünlikli ýolbaşçylyk etdi.
A.Muhammedow barada Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy Gylyç Kulyýew özüniñ "Hasratly Kabul" atly taryhy romanynda şeýle ýatlaýar:

"Men Muhammedow Aşyr Muhammedowiç bilen ilki Aşgabatda Içeri işler ministrliginde, soñra Gürgende bile işledim. Ol konsulhanamyzyñ sekretarydy. Tebigatyna görä ýumşak, salyhatly adamdy. Onuñ üstesine-de işde harbylarça düzgün-tertiplidi.
Aşyr Muhammedow Aşgabatda-da, Gürgende-de meniñ golumyñ astynda işledi. Ol wagtlar ikimiz ýaş ýigitdik. Iş täzedi, kyndy. Gürgendekäk garaşylmadyk, töwekgelçilikli ýagdaýlar döreýärdi. Onda-da gaharlanşyp, sene-mene edişip, ýüzümizi kürşerden wagtymyz bolmady. Arkalaşyp işledik.
Ol özüne-de, töweregindäkilere-de talapkär adamdy, düşünişmegi, gerek ýerinde gepini gögertmegi başarýardy. Ol soñraky ýyllar Türkmenistanyñ Içeri işler ministri bolup işledi, generallyk derejesine ýetdi, ençeme orden bilen sylaglandy. Belent mertebäni, uly hormaty, hiç kime minnetsiz, özüniñ sap zähmeti, ýadawsyz yhlasy bilen gazandy".

A.Muhammedow gulluk eden ýyllarynda "Gyzyl Baýdak", "Zähmet Gyzyl Baýdak", iki sany "Gyzyl Ýyldyz", iki sany "Hormat nyşany" ordenlerine, 7 sany dürli görnüşli medallara, "Türkmenistan SSR-niñ at gazanan ýuristi" diýen ada, Türkmenistanyñ Ýokary Sowetiniñ Prezidiumynyñ üç sany Hormat hatyna, "Döwlet Howpsuzlyk gullugynyñ hormatly işgäri" we "Içeri işler ministrliginiñ at gazanan işgäri" atly döşe dakylýan nyşanlaryna, şeýle hem beýleki döwletleriñ ordenlerine we medallaryna mynasyp boldy.
Häzir Serdar şäheriniñ 6-njy orta mekdebi A.Muhammedowyñ adyny göterýär.

■ Kitaplary:

1). "Halk eýeçiligini goramak her bir sowet adamsynyñ mukaddes borjudyr";
2). "Şöhratly ýol";

3). "50 ýyl öňki hatarda";
4). Türkmen sowet milisiýasynyň 50 ýyllygy".

■ Hakynda ýazylanlar:

Myratnazar Söýünow: "Sogap işe bagyşlanan ömür", ("Asudalygyň goragynda" žurnaly, N"1, 2014 ý).

Taryhy şahslar